# Goşgy bor

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Goşgy bor GOŞGY BOR



Ýüregimiñ söýgüsini bilsediñ,
Gabanyp ýörmezdiñ özüñi örtäp.
Diýmezdiñ: «Ynanýañ! boldy bes ediñ,

Onsoňam galanny pikir et, gör-dä…
Bir saz gural çalýan bolsam eger-de,
Waspyňy ýaýardym, älem diňlejek.
Çekýän bolsam, keşbiňe baş eger-de,
Hyrydarlar kän bor suratyň aljak.

Bilýän bolsan aýdym aýdyp iň bolman,
Aýdymmy aýdardym diňe sen hakda.
Könelmejek ol aýdyma hiňlenmän,
Durup bilmez bir adamam soň hatda.

Gynanamok, döretmäýin, goý, sazy,
Suratkeşlik berilmändir nädeýin?!..
Diýmesinler: «Bar oň täsin owazy»
Gowsy saňa şygyr bagyş edeýin!

Şygyr şirin mukam bolup dörär-de,
Suratkeşleň haýran galjak keşbi bor.
Aýdym bolar, söýgüleri köreder,
Hem sen hakda könelmejek goşgy bor.

Batyr ÇARYÝEW. Goşgular